# Lepbeý diýip egiljegiñ bahanasy gutarmaz!

Category: Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Lepbeý diýip egiljegiñ bahanasy gutarmaz! LEPBEÝ DIÝIP EGILJEGIÑ BAHANASY GUTARMAZ!




*Ýeterlik däl, emma heýjanelekçiler «nämediginem bilemok, ýöne başlyk näme diýse dogry»-çylar, «şular näme diýse, tersini edeliñ»-çiler… Bahanalary dürli-dürli, emma ahyrlary meñzeş. Çünki, lepbeý diýip egiljegiñ bahanasy gutarmaz.*

- **Bolmaýan zada nämüçin bolýar diýýärsiñ?**

Bary bilen bazar eýlemek, aza kanagat etmek gowumy, bilemok. Emma bizde «hiç ýokdan şolam gowy», «mundan gowusyny tapybam bolmaz» diýen ýaly düşünjeleri bilen birnäçe ýyllap gowylar ýamana çalşyldy ýa-da geçilere dürli güýç-ygtyýarlyklar berildi. Munuñ bilen birlikde bähbit bar ýere baglanmak, lepbeý diýmek ýagdaýy-da giñden ýaýrady. Netijede aslynda emelsizler güýçlerini erbede ulanmak bilenem çäklenmän, güýç arsyzy boldular.

Geçmişde ýalňyş ugry saýlanlar saýlap alan ugurlarynyň netijesinde bolup geçen zatlar üçin puşman etmekden başga ellerinden gelen zat bolmandyr. Emma saýlap aljak täze ýoly bilen oňyn ädimleri ädip bilerler. Ýeterlik dälligi, kemçilikleri we bilkastlaýyn edilýän ýalňyşlyklary görüp, bulara «ýok, bolanok» diýip bilmek kişiniň öz öňündäki wyždan, ýurdunyň öňündäki raýatlyk borjudyr.
Senjň elekden geçirjek, gözlejek, seljerjek, sorag berip biljek, ylalaşmaýan zadyňa ýok diýip biljek beýniň ýokmy? Kelläň ýokmy?
«Pylany şeýle diýýär, bizem şony gaýtalalyň» diýmek, ikitaraply peselmekdir aslynda. Ädimiňi özbaşdak ätmek üçin başga birinden haraý islejek ýagdaýda bolsaň, bul eýýäm seniň ejizligiň alamatydyr. Meniň pikirimiň, meniň garaýşymyň, gelen kararymyň hiç hili gymmaty ýok diýmekdir. Şeýle adamlar jemgyýetçilik taýdan alanda öl şahasy ýanmaga sezewar edilen gury töňňeden ibaly däldir. Şeýlelikde pikirlenmegi we aýyl-saýyl etmegi saýlap alandygyna garamazdan alaçsyzlykda galan adam pikirlenmegiň we aýyl-saýyl etmegiň ýerine gep-gürrüňsiz başgalaryň yzyndan gitmegi ýeglän köpçüligiň pidasy bolýar. Meniň üçin başgalary bir zyýan çekäýmesin diýip, nämä bolýar ýa-da ýok diýjegiňi öwrenmek – iň bärkijesi kişi hakyny iýmekdir.

**• Garşylyklaýyn pikirli adamlar dogry zady öňe sürenlerinde, olar bilen bir pikirde däldigiň üçin ýalňyş zada dogry diýmek nadanlyk dälmi?**

Diňe nadanlygam däl. Belli bir derejede gulçulyk. Hasam beteri, görmezlige, bilmezlige, eşitmezlige, ýagny owarramçylyga salmagyň boýun egijiligi. Öz çagaň namysyna degilýänçä öňünde egilenleriň çaga zorlaýşyna göz ýummak, öz baýlygy köpelse ýa-da aýlygy wagtly-wagtynda berlip duran bolsa, sistematiki ýagdaýda garyp düşen adamlary görmezlige salmak, başyndan soňuna çenli adalatsyzlykdan doly dawalaryň pidasy däldigi üçin pida ediljekleri dymyp ýa-da garşysyna gürläp, bendilige itermek ýaly adamkärçilige gelişmeýän

hyýanatlar, belki-de, şolar ýaly adamlara belli bir ugurlarda artykmaçlyklary gazandyrýandyram. Emma bu adamkärçilige gelişmeýän hyýanatlaryñ öwezine berilýän hezillikler başyñy ýassyga goýup, wyždan içre uka gitmäge mynasyp bolup bilmez!

Çagry GYRLANGYÇ.

02.03.2017 ý.